**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

№16 (66) 2023-nji ýylyň 10-njy iýuny



*Syýasy teswir*

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***1-nji iýunda*** hormatly Prezidentimiz Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary hanym Helga Şmidi kabul etdi.

Hanym Helga Şmid hormatly Prezidentimize Arkadag şäheriniň «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulýandygy baradaky hem-de Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna berlen «EcoPorts» güwänamalaryny gowşurdy.

Şol gün Aşgabat şäherinde ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň täze binasynyň açylyş dabarasy geçirildi.

* * *

***1-nji iýunda*** ýurdumyzda giňden bellenilýän Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli, paýtagtymyzdaky Döwletliler köşgünde baýramçylyk dabarasy geçirildi. Onuň dowamynda bu ýerde terbiýelenýän çagalara hormatly Prezidentimiziň adyndan, şeýle hem, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň we ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.

* * *

***2-nji iýunda*** Gyrgyzystanyň Çolpan ata şäherinde «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki döwlet Baştutanlarynyň ikinji duşuşygy geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti hem gatnaşdy.

Türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysy, wise-premýer N.Amannepesow öz çykyşynda sebit we halkara derejesinde strategiki hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmaga, sebitiň ulag-logistiki mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmaga gönükdirilen işleri ilerletmekde gepleşikleriň «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki duşuşygyna möhüm ähmiýetiň degişlidigine ünsi çekdi.

* * *

***3-nji iýunda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Bütindünýä welosiped güni mynasybetli geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe gatnaşdy. Bu çäre paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň ýaşaýjylarynyň müňlerçesini özünde jemledi.

* * *

***3-nji iýunda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow türk tarapynyň çakylygy boýunça Rejep Taýyp Ärdoganyň Türkiýe Respublikasynyň gaýtadan saýlanan Prezidenti hökmünde wezipä girişmek dabarasyna gatnaşdy.

* * *

***6-njy iýunda*** Duşenbe şäherinde Araly halas etmegiň Halkara Gaznasynyň (AHHG) Müdiriýetiniň nobatdaky mejlisi geçirildi. Mejlise Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti gatnaşdy.

2023-nji ýylyň 14-15-nji sentýabrynda Duşenbe şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilen AHHG-nyň esaslandyryjy-döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisine görülýän taýýarlyklar, beýleki derwaýys meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

***7-8-nji iýunda*** Russiýa Federasiýasynyň Soçi şäherinde Ýewraziýa hökümetara geňeşiniň we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet baştutanlarynyň geňeşiniň mejlisleri geçirildi. Bu möhüm syýasy çäreler gatnaşan türkmen wekiliýetine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary H.Geldimyradow ýolbaşçylyk etdi. Mndan başga-da, Mundan başga-da, Soçide Türkmenistanyň wekiliýeti 3-nji Ýewraziýa kongresiniň we GDA-nyň we Ýewraziýa Ykdysady Bileleşiginiň 2-nji ýaşlar forumynyň işlerine hem gatnaşdy.

* * *

***8-nji iýunda*** Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban Türkmenistana iki günlük resmi sapar bilen geldi.

Saparyň dowamynda geçirilen türkmen-wenger gepleşiklerde netijeli döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek bilen bagly meseleleriň, özara hormat goýmak esasynda guralýan däp bolan hyzmatdaşlygyň täze usullaryny we ugurlaryny gözlemek boýunça öňde durýan wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Saparyň netijelerinden gelip çykyp, Aşgabatda bolan duşuşygyň özara bähbitli hyzmatdaşlygyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine kuwwatly itergi berjekdigini ynamly aýtmak bolar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# Arkadag şäheri – dünýäniň üns merkezinde

***Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary, egsilmez yhlasy, eziz Watanymyza, mähriban halkymyza çäksiz söýgüsi bilen sanlyja ýyllaryň içinde kemala gelen häzirki zamanyň «akylly» şäher konsepsiýasynyň ýörelgeleri esasynda gurlan Arkadag şäheri dünýä jemgyýetçiliginiň gyzyklanmasyny artdyrýar.***

1-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ÝHHG-niň Baş sekretary Helga Şmidi kabul etdi. Duşuşykda myhman döwlet Baştutanyna Arkadag şäheriniň «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulýandygy baradaky hem-de Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna berlen «EcoPorts» güwänamalaryny gowşurdy.



Häzirki wagtda Türkmenistan bilen ÝHHG-niň arasyndaky gatnaşyklar netijeli häsiýete eýe bolup, her ýyl Türkmenistanyň Hökümeti we ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkezi tarapyndan taýýarlanylýan hyzmatdaşlygyň bilelikdäki maksatnamalary esasynda yzygiderli işler durmuşa geçirilýär.

Arkadagly Serdarymyzyň üstünlikli alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işlere, ajaýyp özgertmelere, eziz Diýarymyzyň her gününi bezeýän buýsançly wakalara halkymyz tüýs ýürekden guwanýar.

Täze şäheriň gurluşygynda ekologik talaplaryň berk berjaý edilmegi, adamlaryň bagtyýar we uzak ömür sürmegi üçin arassa howa gurşawynyň döredilmegi üns merkezinde saklanyldy. Bu ýerde «ýaşyl» tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy, sanly tehnologiýalaryň, intellektual ulgamlaryň ornaşdyrylmagy bilen «akylly» şäher konsepsiýasy durmuşa geçirilýär. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen üstünlikli durmuşa geçirilýän şähergurluşyk maksatnamalarynyň möhüm talabydyr.

Dünýäniň häzirki zaman şäherleriniň hatarynda möhüm orny eýelejek Arkadag şäheriniň arhitektura keşbinde halkymyzyň milli ruhuna kybap gelýän özboluşly gözellik bar. Gahryman Arkadagymyzyň gymmatly maslahatlary bilen şäherde döwrebap durmuş düzümleriniň döredilmeginde ýaşlaryň täzeçil tekliplerine, ukyp-başarnyklaryna uly ähmiýet berilmegi-de aýratyn bellärliklidir.

Türkmen halkyny röwşen geljege sary alyp barýan, ýurdumyzyň abraýyny halkara giňişliklerde has-da belende göterýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris!

***Aýşirin DÖWLETOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# TÜRKMENISTAN-WENGRIÝA:
## dostlukly gatnaşyklaryň doganlyk ýakynlygy

*Türkmenistan Ýewropa Bileleşigine girýän döwletler bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Çünki Ýewropa ugry Türkmenistanyň daşary syýasat we daşary ykdysady strategiýasynda ileri tutulýan ugurlaryň biri. Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk edýän Ýewropa döwletleriniň biri hem Wengriýa Respublikasydyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, döwletimiz Türkmenistan bilen Wengriýanyň arasynda 1992-nji ýylyň 11-nji maýynda ýola goýlan dostlukly gatnaşyklara ýokary üns berýär. Munuň şeýledigine Aşgabatda geçirilen türkmen-wenger gepleşikleri hem aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär.*

Türkmen-wenger gatnaşyklary umumy ruhy-medeni gymmatlyklarda jemlenen dostlukly gatnaşyklara esaslanýar. Wengriýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 11-nji maýynda ýola goýlup, häzirki wagtda iki döwletiň Hökümet we daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça hem-de abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär.

Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklar birek-birege hormat goýmaga, deňhukuklylyga hem-de özara ynanyşmaga esaslanýar. Wengriýa Merkezi Aziýa sebitinde Türkmenistan bilen işjeň hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly üns berýär. Munuň şeýledigine 2008-nji ýylyň 8-9-njy iýulynda Wengriýa Respublikasynyň Premýer-ministri Ferens Dýurçanyň Türkmenistana resmi sapary hem aýdyň şaýatlyk edýär. Bu sapar türkmen-wenger döwletara gepleşikleriniň tapgyrynda möhüm ähmiýetli waka boldy. 2011-nji ýylyň 8 – 10-njy noýabrynda Wengriýanyň Prezidenti Pall Şmitt resmi sapar bilen Türkmenistanda boldy. Bu saparyň dowamynda geçirilen gepleşiklerde ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýeri gelende belläp geçsek, Gahryman Arkadagymyz 2014-nji ýylyň 18 – 19-njy iýunynda Wengriýa Respublikasynda resmi saparda boldy. Gahryman Arkadagymyzyň bu resmi sapary sözüň doly manysynda türkmen-wenger gatnaşyklaryny täze derejä çykardy. Gepleşikleriň dowamynda gazanylan ylalaşyklar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarynyň täze gözýetimini açdy. Taraplaryň hoşniýetli erk-islegleri we tagallalary arkaly soňky döwürde ikitaraplaýyn gatnaşyklar has-da netijeli häsiýete eýe boldy.

Türkmen-wenger hyzmatdaşlygynda dürli ugurlarda tagallalary netijeli utgaşdyrmak üçin ägirt uly mümkinçilikler bar. Söwda-ykdysady ulgamy, ulag, energetika toplumy, senagat hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynadyr. Şunda, özara gatnaşyklaryň bar bolan mümkinçiliklerini iş ýüzünde amala aşyrýan we netijeli işewür gatnaşyklary işjeňleşdirýän bilelikdäki Hökümetara topara möhüm orun degişlidir.

Şunuň bilen birlikde, däp bolan syýasy-diplomatik gatnaşyklary mundan beýläk-de berkitmegiň, daşary syýasat edaralarynyň derejesindäki yzygiderli geňeşmeleri dowam etdirmegiň ähmiýeti uludyr. Iki ýurt Birleşen Milletler



Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Türki Döwletler Guramasynyň we beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerindäki netijeli gatnaşyklara ygrarlydyr. Wengriýa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyna ýokary baha berýär hem-de ýurdumyzyň ählumumy möçberdäki howpsuzlygyň, abadançylygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmeginiň maksatlaryna laýyk gelýän halkara başlangyçlaryny goldaýar.

Ýangyç-energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär. Wengriýa Merkezi Aziýa respublikalaryndan we Azerbaýjandan gelýän nebit we gaz geçirijileriniň ugurlaryny köpeltmek bilen gyzyklanýar. Soňky ýyllarda Türkmenistan we Wengriýa dürli ulgamlarda bilelikdäki iri taslamalary durmuşa geçirmek üçin bar bolan mümkinçiliklerden doly peýdalanmaga çalyşýar. Döwletler medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek babatda hem uly işleri durmuşa geçirýär. Döwletlerimiziň arasynda saglygy goraýyş ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hem ýokary derejede alnyp barylýar. Oňa mysal edip, ýurdumyzda ençeme ýyl bäri öz işini alyp barýan Wengriýanyň «Gedeon Richter» kompaniýasyny görkezmek bolar. Wengriýanyň başga-da birnäçe kompaniýalary ýurdumyz bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Mälim bolşy ýaly, 2010-njy ýylda Wengriýanyň «IKR Babolna» paýdarlar jemgyýeti Ýolöten etrabynda 50 müň tonna däne saklaýan elewatory gurup, ulanmaga berdi.

2023-nji ýylyň 8-nji iýunynda Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban iki günlük resmi sapar bilen Türkmenistana geldi. Saparyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Wengriýanyň Hökümetiniň baştutany bilen duşuşyk geçirdi. Duşuşygyň dowamynda aýry-aýry möhüm ugurlara aýratyn üns berildi.

9-njy iýunda Aşgabatda ýokary derejede geçirilen türkmen-wenger gepleşikleriniň barşynda meseleleriň giň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Gepleşikleriň jemleri boýunça möhüm resminamalara gol çekildi. Gol çekilen resminamalar türkmen-wenger gatnaşyklarynda täze gözýetimleri açdy.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, türkmen-wenger gatnaşyklarynyň geljegi örän uludyr. Taraplaryň bu gatnaşyklary has-da kämilleşdirmäge bolan yhlasy, elbetde öz myradyny tapar. Çünki biziň illerde yhlasa myrat diýilýär.

***Gurbansähet GURBANSÄHEDOW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

# TURKMENISTAN-IRAN:
## bilateral cooperation and being long-term partners in ancient neighborliness

On May 30-31, 2023, The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov had undertaken a two-day working visit to the Islamic Republic of Iran.

Under the leadership of Our Hero Arkadag and Arkadag Serdar the tradionally friendly nature of the relations between Turkmenistan and Iran gains new content with every passing year, as evidenced by the rapid dynamics of the development of the productive dialogue in all key areas, primarily in the economics sphere.

Being long-term partners in the region, our countries are currently demonstrating in the desire to steadily enrich the accumulated experience of fruitful and mutually beneficial cooperation, supporting it with large-scale joint projects implemented in the interests of the two states and peoples of Central Asia. Among the most significant of them is the construction of the Kazakhstan-Turkmenistan-Iran steel highway, recognized as the “golden” link of the North-South transport corridor, which is the most economical railway route between Asia and Europe and serves the interests of peace, general prosperity and sustainable development.

Particular attention is paid to the development of cultural and humanitarian interaction. In recent years, close cultural and scientic exchanges have been established, international conferences and forums are organized with the participation of Turkmen and Iranian delegations. Cross Days of Culture and exhibitions of decorative and applied arts and other joint events are regularly held.

The neighborliness of between two countries led to a productive partnership between Turkmenistan and Iran within





the framework of authoritative international organisations.

The visit of Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov to Iran, during which meetings were planned, including those with the top leadership of the friendly country, was intended to give an impetus to the deepening of the fruitful interstate dialogue.

At the Tehran International Airport, decorated with the State flags of the two countries, the head of the highest representative body of the people`s power of Turkmenistan was met by officials of the Islamic Republic of Iran and members of the Turkmen delegation. There, the head of the Halk Maslahaty of Turkmenistan held a conversation with the Minister Roads and Urban Development of the Islamic Republic of Iran Mehrdad Barzpash. During the conversation, Gurbanguly Berdimuhamedov noted that, consistently implementing the foreign policy course based on the status of permanent neutrality of Turkmenistan, much attention is paid to the development of effective cooperation with neighboring countries, including the Islamic Republic of Iran. It was also emphasized that during the upcoming talks the necessary efforts would be made to further intensify the main areas of mutually beneficial relations, and confidence was expressed in the further successful development of Turkmen-Iranian cooperation based on the principles of mutual friendship and good neighborly relations.

It was emphasized that the interstate partnership was based on the principles of equality, mutual respect and mutual benefit.

During the state visit of Our Hero Arkadag met with the Chairman of the Expediency Council of the Islamic Republic of Iran Sadeq Amoli Larijani.

Thanking Sadeq Amoli Larijani on behalf of the Turkmen delegation and on his own behalf for the invitation to visit Iran, warm welcome and hospitality, Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov noted the peoples of our countries were not only neighbors, but also relatives for centuries.

Such bilateral contacts, based on the principles of openness and mutual trust, are an integral part of the high level of the cooperation between the two countries. In this context, firm confidence was expressed that the visit would be a significant contribution to the development of the Turkmen-Iranian fraternal relations would give an impetus to their expansion.

The state visit of Our Hero Arkadag to the Islamic Republic of Iran is another evidence of the steadily developing friendly and mutually respectful bilateral ties.

Interaction between Turkmenistan and the Islamic Republic of Iran is based on mutual respect, trust and common positions on topical issues on the international agenda. The states have common interests in the political, diplomatic, trade, economic and humanitarian areas, on the basis of which effective cooperation in consistently implemented.

***Shasenem MEYLISOVA,***
***1st year student of the Faculty of International Relations.***

*Wengriýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 11-nji maýynda ýola goýuldy.*

*Eýran Yslam Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasynda diplomatik gatnaşyklary 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda ýola goýuldy.*

# ТРАНСПОРТНАЯ ДИПЛОМАТИЯ ТУРКМЕНИСТАНА

*(Конец. Начало в предедущем выпуске).*

По этой железной дороге теперь осуществляются транзитные грузоперевозки не только между странами Средней Азии, но и Китаем, Индией, Турцией, Россией. Кроме того, ведется ряд работ по реализации международного транспортного коридора между странами Центральной Азии, Ближнего Востока и странами-участницами Ашхабадского соглашения «Узбекистан-Туркменистан-Иран-Оман». Следует отметить, что в июле 2022 года в Ашхабаде состоялось третье заседание рабочей комиссии между правительствами Исламской Республики Иран, Государства Катар, Султаната Оман, Туркменистана и Республики Узбекистан, участвующих в соглашении, а в августе 2022 года в Национальной туристической зоне «Аваза» Туркменистан, Иран, Узбекистан и Казахстан подписали дополнительный Протокол к Ашхабадскому соглашению о создании международного транспортно-транзитного коридора. В настоящее время к проекту официально присоединились Казахстан, Катар и Индия.

Расположение Туркменистана на побережье Каспийского моря позволяет ему активно участвовать в международных морских делах. Каспийское море расположено на пересечении континентальных дорог. Прикаспийские страны, находящиеся недалеко друг от друга, граничат с Южной Азией и Азиатско-Тихоокеанским регионом на востоке, Черным и Средиземным морями на западе, Ближним Востоком через Иран на юге, через Россию и далее напрямую до побережья Балтийского моря на севере. Следует отметить, что на состоявшемся 29 июня 2022 года в Ашхабаде Шестом Каспийском саммите Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов отметил, что не будет преувеличением назвать Каспий «морем возможностей» как связующего узла транспортных и транзитных потоков в Евразии по линиям Восток–Запад и Север–Юг.

В этой связи, стоит отметить реализованные на основе инициатив Туркменистана, международный транспортный коридор «Афганистан-Туркменистан-Азербайджан-Грузия-Турция (Lapis Lazuli)», соединяющий Ближний Восток с Европой, международный транспортный коридор «Каспийское море-Черное море» по маршруту Туркменистан-Азербайджан-Грузия-Румыния, мультимодальный транспортный коридор «Китай-Кыргызстан-Узбекистан-Туркменистан-Азербайджан-Грузия-Турция Европа», проходящий из Азиатско-Тихоокеанского региона в Европу через Среднюю Азию и Кавказ. Поэтому транспортному коридору, в мае 2023 года в Ашхабаде на II конференции «Международные транспортные коридоры: взаимосвязь и развитие – 2023» был подписан Протокол операторов транспортного коридора «CASCA+», который представляет собой коридор Китай-Кыргызстан-Узбекистан-Туркменистан-Азербайджан-Грузия-Европа.



Каждая страна продвигает геополитические и геоэкономические интересы, необходимые для обеспечения национального развития, используя свое выгодное географическое положение и возможности. Туркменистан также является страной, расположенной на благоприятном пересечении двух континентов, и использует огромный потенциал для развития всех видов транспорта на основе утвержденной в 2022 году Программыразвития транспортной дипломатии Президента Туркменистана на 2022-2025 годы.

***Перхат ЧАРЫЕВ,***
***старший преподаватель Института международных отношений.***

# TENNIS ÝARYŞY:

## parahatçylyk, dostluk, sagdynlyk

*Türkmenistan häzirki wagtda ösen sport ulgamly, dünýä derejesindäki ýaryşlary üstünlikli geçirmekde ähmiýetli tejribesi bolan, halkara sport hyzmatdaşlygy ulgamyna işjeň gatnaşýan ýurt bolup durýar. Bilşimiz ýaly, 5 — 9-njy iýun aralygynda paýtagtymyzda 12 ýaşly we ondan kiçi ýetginjek oglan-gyzlaryň arasynda tennis boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň sebitleýin ýaryşy ýokary guramaçylykly geçirildi. Bu iri sport çäresi milli sport diplomatiýamyzyň ajaýyp üstünligidir. Ýaryşa gatnaşmak üçin Aşgabada gelen daşary ýurtly hünärmenler bilen söhbetdeş bolanymyzda, olar bu gezekki sport baýramçylygynyň guramaçylyk derejesine ýokary baha berdiler.*





*Amir BORGEÝ,*
*Halkara tennis federasiýasynyň (ITF) Aziýa sebiti boýunça jogapkär wekili:*

— Sport diplomatiýasynda alnyp barylýan işlerde häzirki zamanyň öňdebaryjy talaplaryny gazanmagy baş wezipe edinýän Türkmenistanyň halkara abraýy günsaýyn artýar. Ajaýyp sport desgalary bilen bilelikde, bu sport ýaryşyny geçirmek üçin türkmen tarapyndan ähli şertler döredilipdir. Ýaryşa gatnaşmaga gelen türgenleriň we hünärmenleriň türkmen myhmansöýerligi bilen garşy alynmagy, bize köp sanly meýletinçileriň ýardam etmegi örän begendirdi. Bu ýaryş tennisçileriň iň ýaş nesli üçin özlerini görkezmek üçin ajaýyp mümkinçilikdir. Tennis sportuny ösdürmäge goşýan ägirt uly goşandy üçin Halkara tennis federasiýasynyň adyndan Türkmenistanyň ýolbaşçylaryna tüýs ýürekden hoşallygymy bildirýärin.

* * *



*Ýewgeniýa ŞUŞKOWA,*
*Gazagystan Respublikasynyň milli ýygyndysynyň baş tälimçisi, sport ussady:*

— Güneşli Türkmenistanda ozal hem birnäçe iri ýaryşlaryň ýokary derejede guralandygy bütin dünýä aýdyňdyr. Aşgabadyň ajaýyp Olimpiýa şäherçesindäki döwrebap Tennis toplumynda guralan şu gezekki sebitleýin ýaryşa gatnaşandygymyza örän begenýäris. Sebitiň ýaş tennisçilerini bir ýere jemlän ýaryşa gatnaşmagyň biziň üçin gymmatly tejribe boljakdygyny belläsim gelýär. Geçirilen duşuşyklaryň çekeleşikli häsiýete eýe bolmagy, türgenleriň bu ýaryşa ýokary taýýarlykly gelendigini görkezýär. Aşgabadyň gözel künjeklerine guralan gezelençler ýaşajyk tennisçilerimizde uly täsir galdyrdy.

***Ýazga geçiren: Atamyrat ÝAZWELIÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***



*Aşgabatdan Awaza şäherara awtobus gatnawy ýola goýuldy.*
*Turkmenportal*

*Теннис – это слияние динамики, реакции, сдержанности, ума и тщеславия.*
*Афоризм*

6 июня, в день рождения великого русского поэта А.С.Пушкина, в рамках программы поддержки и развития многоязычия и культурного многообразия, в ООН отмечается День русского языка.

Решение о проведении дней языков, в том числе и русского, было принято Департаментом общественной информации (нынешний Департамент глобальных коммуникаций) накануне Международного дня родного языка, отмечаемого ежегодно 21 февраля по инициативе ЮНЕСКО.

Литературное творчество великого русского поэта Александра Сергеевича Пушкина бесценно. Его произведения объединяют людей всех возрастов, вероисповеданий, национальностей, переводятся на десятки языков мира.

В Туркменистане большое внимание уделяется изучению иностранных языков в том числе русского, который является одним из языков межнационального общения в Туркменистане.

В Ашхабаде также установлен памятник великому русскому поэту и писателю Александру




Сергеевичу Пушкину, расположенному на названной в его честь улице. Памятник установлен в 1911 году в одном из живописных уголков Ашхабада. Памятник ежегодно становится центром торжественного возложения цветов в день рождения поэта.

Русский язык также является учебным предметом, обязательным для изучения во всех туркменских школах, а также в группах русского языка в детских садах.

Учителя и преподаватели из Туркменистана неоднократно становились лауреатами Пушкинского конкурса педагогов-русистов. Преподавателей русского языка и литературы готовят в трех вузах — Туркменском государственном университете, Туркменском национальном институте мировых языков, Государственном педагогическом институте.

Русский язык в государственно-общественной сфере Туркменистана занимает особое место. Функционируют русскоязычные версии официальных сайтов высших органов государственной власти, а также наличие русскоязычной версии портала государственных услуг Туркменистана, в том числе и нашего вуза – Института международных отношений МИД Туркменистана.

***Мерген ГУРДОВ,***
***студент II курса факультета международного права.***



# Знаете ли вы о велосипедах и велоспорте?



**Являясь универсальным средством передвижения, велосипед сопровождает человечество на протяжении более двухсот лет. Слово «велосипед» произошло от латинского слова vēlōx – «быстрый» и pes – «нога». Быстроходный «металлический конь» в современной эпохе ассоциируется с экологичным видом транспорта и здоровым спортивным образом жизни. По традиции массовыми велопробегами в Туркменистане отмечают глобальный праздник – Всемирный день велосипеда. А появился он в 2018 году, когда Генассамблея ООН своей резолюцией поддержала инициативу нашей страны и объявила 3 июня Всемирным днём велосипеда.**

***1. Первый велосипед появился из-за климатических изменений.***

В апреле 1815 года в Индонезии произошло извержение вулкана. Из-за этого изменился климат. В северном полушарии лето было очень холодным, сельскохозяйственные культуры не уродили и снизилось поголовье лошадей. Однако быстро передвигаться было все же нужно и в 1817 году немецкий профессор инженерии и механик барон Карл фон Дрез представил свое изобретение – из двух колес, деревянной рамы, руля и кожаного седла. Это был пока не привычный нам велосипед, а скорее беговел, или «машина для ходьбы», как назвал ее сам изобретатель.

***2. Что общего у монеты и велосипеда?***

Одна из старинных моделей велосипеда имела разные колеса – огромное переднее и маленькое заднее. Соотношение их размеров было такое же, как у английских монет пенни и фартинг. Велосипеды такой конструкции так и называли – «пенни-фартинг».

***3. Почему мы садимся на велосипед слева?***

Справа расположена цепь, которая мешает посадке. Традиция же размещать ее с этой стороны пришла из верховой езды. Дело в том, что право ездить верхом изначально принадлежало исключительно знати и воинам, то есть людям, которые носили мечи и шпаги. Оружие крепили на левом боку, поэтому и садиться на лошадь было удобнее слева. Когда появились конные экипажи, в них тоже заходили с левой стороны тротуара.

***4. Велосипеды в Книге рекордов Гиннеса.***

В Книге зафиксирован не один рекорд, связанный с велосипедом. Нидерландец Вотер ван ден Бош собрал самый тяжелый действующий велосипед Monsterbike весом 750 кг. А самый длинный – 41,42 м – сконструировали в Австралии. Чтобы зафиксировать рекорд, на нем проехали 20 человек одновременно. Самый маленький действующий двухколесный велосипед, длиной 11,6 см, создал краснодарский мастер Сергей Дашевский. Но на этом изобретатель не остановился и улучшил результат – собрал конструкцию еще короче – 8,5 см. Правда, в Книгу этот велосипед пока не внесен.

***5. Мировой рекорд***

Мировой рекорд по скорости на велосипеде установил датчанин Фред Ромпелберг. На велосипеде собственной разработки ему удалось развить скорость 268,831 км/час. В этом эксперименте участвовали драгрейсеры – они ехали на гоночном авто перед спортсменом, создавали воздушный купол и уменьшали сопротивление воздуха. А вот механическое трение Фред Ромпелберг полностью преодолевал сам.

***6. Самая велосипедная страна.***

Удобный, экологичный и полезный для здоровья велосипед во многих государствах стал основным средством передвижения. Но вот в Нидерландах на этом транспорте ездят почти все – 99% населения. И каждый голландец проезжает в день в среднем 2,5 км. В Амстердаме можно запросто увидеть министра или члена парламента, который спешит на работу на велосипеде. Катается на велосипедах и королевская семья.

***7. Первое кругосветное путешествие на велосипеде длилось три года.***

Англичанин Томас Стивенс начал свой трип по миру в апреле 1984 года и закончил в январе 1987. Путешествовал он на велосипеде без резиновых шин модели «пенни-фартинг». Томас Стивенс передвигался налегке – с собой у него была сумка с парой носков, сменной рубашкой, плащ-палаткой, спальным мешком и револьвером «Смит Вессон». Во время путешествия Стивенсу приходилось не только ехать на велосипеде, но и толкать его, перебираясь через горные хребты. А еще отбиваться от горного льва, развлекать местных жителей в Турции за еду и защищаться от враждебно настроенных китайцев. Уже дома Томас описал все свои приключения в двух томах книги «Вокруг света на велосипеде».

***8. Большой монумент в виде велосипеда в Тбилиси***

В Тбилиси в 2011 году установили большой монумент в виде велосипеда. Это настоящий символ здорового образа жизни. Его длина составляет восемь метров, а высота – четыре. Кроме двух колес памятник почему-то имеет два руля и два седла, обращенные друг к другу. Монумент установлен в 2011 году, а его автором стал французский художник и скульптор Жан Дюпа.

Автор проекта — известный французский художник и архитектор Жан Дюпа.

«Этот памятник является отражением идей тех людей, которые поддерживают здоровый образ жизни и любят передвигаться на велосипеде», — сказал руководитель Фонда развития Тбилиси Георгий Сабанадзе.

***Подготовила: Огулнар ОРАЗМЫРАДОВА,***
***студентка II курса факультета международной журналистики.***

*A bicycle ride around the world begins with a single pedal stroke.*
*Scott Stoll*

*Народ выражает себя всего полнее в языке своём. Народ и язык, один без другого, представлен быть не может.*
*И. И. Срезневский*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.
Kätip: A.Nobatowa.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
Fotohabarçy: T.Myratlyýew.
Korrektorlar: A.Hudaýbergenowa, A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
yashdiplomathgi@gmail.com